Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

## § 6. Dymyk k, p, t, Ç sesleriniň açyga öwrülşi.

**83-nji gönükme.** Okaň. Çyzygyň çep tarapyndaky sözleriň soňunda haýsy sesler bar? Olar çyzygyň sag tarapynda haýsy seslere öwrülipdirler?

| | |
|---|---|
| Doläk | Dolagy |
| Jorap | Joraby |
| Sagat | Sagady |
| Meret | Çekiji |
| Ördek | Ördegi |
| Sadap | Aadaby |
| Illik | Illigi |
| Agaç | Agajy |
| dolak | sadap |

**84-nji gönükme.** Hekaýajygy okaň. Has gara ýazylan sözleri nusgada görkezilişi ýaly edip göçüriň.

### Oýnadylar.

**Ýalkap** bize gezmäge geldi. Jigim Ýalkaba bir oýnawaç berdi. Ol **oýnawajy** aldy we begendi.

Soňra **Myrat** bilen **Kömek** hem geldi. **Myradyň** we **Komegiň** öz oýnawaçlary bar eken. Jigim olar bilen hezil edip oýnady.

**Nusga.** *Yalkap—Yalkaba...*

Turkmenkultur.com

Göçüren sözleriňizde dymyk k, p, t, ç sesleriniň haýsy açyk seslere öwrülendigini aýdyň.

**85-nji gönükme.** Okaň we nokatlara derek degişli çekimsiz sesleri ýazyp göçüriň.

Börek — böre...i

Orak — ora...y

Meret — Mere...i

Söwüt — söwü...i

Süzgüç — süzgü...i

Durtgüç — dürtgü...i

Nokatlara derek ýazan harplaryňyzyň nähili çekimsizlerdigini aýdyň.

**Soňunda dymyk k, p, t, ç sesleri bolan sözlere** çekimli **sesler** goşulanda, **olar açyk** g, **b, d, j seslerine öwrülýärler. Meselem: ädik—**ädigi, **kitap—kitaby, sowut—sowudi, çekiç—çekiji.**

**86-njy gönükme.** Okan. Has gara ýazylan sözlerde haýsy dymyk çekimsizin nähili açyk çekimsize öwrülendigini aýdyň.

1. Meniň **kitabym** bar. 2. Pagtanyň **çiğidinden** ýag alynýar.

3. Biz **dynjymyzy** aldyk. 4. Gozeljigiň gurjagy bar.

5. Meret **köşeğe** ot berdi.

| | |
|---|---|
| Pagta | çigidi |

**87-nji gönükme.** Okaň we nokatlaryn ýerine haýsy çekimsiz harplaryň ýazylmalydygyny aýdyň.

Sagat.

Biziň saga…ymyz



Papak.Saparyň  papa…y





Çkeiç. Ussanyň çeki…i.



Gurjak.Meniň gurja…ym.

Nokatlara derek degişli açyk çekimsiz harplary sözlemleri göçüriň.

**88-nji gönükme.** Nokatlaryň ýerine degişli çekimsiz harplary ýazyp göçüriň.

Agaç — aga...y

Çaryk — çary...y

Sadap — Sada...y

Örküç — örkü..i

Toşap — toşa...y

Çigit — çigi…

Aýak — aýa...y

Süýt — süý...i

**Nokatlara derek ýazan harplaryňyzyň nähili çekimsiz seslerdigini aýdyň.**

| | |
|---|---|
| örküç | toşap |

Turkmenkultur.com

**89-njy gönükme**. Sözleriň yzyna haýsy-da bolsa bir çekimli harp goşup göçüriň.

Köşek, duzak, çekiç, gulak, hatap, tertip, sagat, sanaç, oýnawaç, howut, kitap, owlak.

**Nusga.** Köşek—köşegi, ...

Göçüren sözleriňizde haýsy dymyk çekimsiziň nähili açyk çekimsiz sese öwrülendigini aýdyň.

| | |
|---|---|
| ***howat*** | **hatar** |

**90-njy gönükme.** Okaň. Has gara ýazylan sözleri nusga boýunça depderihize göçüriň.

***Nakyllar.***

Öl **agajy** egmegin, degmedige degmegin.

Gerek **deregi** ýykar. **Ýigidiň** ýagşysy köp diňlär, az sözlär.

**Edebiň** ýagşysy — ulyny syla.

***Nusga.*** *Agaç—agajy, ...*

*Iň soňky nakylyň manysyny öz sözleriňiz bilen düşündiriň.* **91-nji gönükme.** Okaň. Çep tarapky sözleriň soňundaky k, p, t, ç harplarynyň nähili çekimsizlerdigini aýdyň

Çörek — Çöre.....i

Düşek — Düşe...im

Mekdep — Mekde...e

Çigit — Çigi...iň

Öwüt — Öwü...i

Guwanç — Guwan...y

Jorap — Jora...y

Turkmenkultur.com

Köp nokatlara derek degişli harplary ýazyp, sözleri göçüriň we nokatlara derek ýazan harplaryňyzyň nähili çekimsizlerdigini aýdyň.

**92-nji gönükme.** Suratlaryň adyny tapyp, nusgada görkezilişi ýaly edip, depderiňize ýazyň.

**Nusga.** *Pişik—pişigi, ...*

Ýazan sözleriňizde haýsy dymyk sesleriň nähili açyk sese öwrülendigini we onuň sebäbini aýdyp beriň.









**93-nji gönükme.** Göçüriň. Has gara ýazylan sözleriň aşagyny çyzyň.

1. **Çary ädigini** geýdi. 2. Gözeljigiň **oturgyjy bar.** 3. **Merediň** jigisi birinji klasda okaýar. 4. Sen **kitabyňy** arassa saklaýarmyň? 5. Sonajyk gurjagyny oýnap otyr.

Aşagyny çyzan sözleriňizde haýsy dymyk sešin nähili açyk sese öwrülendigini aýdyň we onuň sebäbini düşündiriň.

**94-nji gönükme.** Sözlere y, i çekimlileriň degişlisini goşuň, olary nusgadaky ýaly edip göçüriň.

Çoluk, ýilik, Sadap, tertip, Myrat, Ýigit, Gylyç,

**Nusga.** *Çoluk— çolugy...*

Göçüren sözleriňizdäki çekimlileriň nähili çekimlilerdigini aýdyp beriň.

***Çoluk*** ***ýilik***

**95-nji gönükme.** Nokatlaryň ýerine degişli çekimsiz harplary ýazyp, sözlemleri göçüriň. 1. Mallar ýata...a geldi. 2. Jigimiň kiçijik oturgy...y bar. 3. Myra...yň dogany okaýar. 4. Seniň kita...yň barmy?

5. Oraz paça...y owla...a dograp berýär.

**Nusga.** *Mallar ýataga geldi.*

Nokatlara derek ýazan harplarynyzyň nähili çekimsizlerdigini aýdyp beriň.

**96-njy gönükme.** Okaň we çyzygyň sag tarapyndaky sözlerden peýdalanyp, soraglara jogap ýazyň.

1. Kimiň jigisi? Meret
2. Nämäniň sahypasy? Kitap

Turkmenkultur.com

3. Nämäniň ýeňi? Köýnek

4. Nämäniň aýagy? Oturgyç

Nusga. *Merediň jigisi.*

### ***Soraglara dilden jogap beriň.***

1. Çyzygyň sag tarapyndaky sözleriň soňky harplary nähili çekimsizler?
2. Depderiňize ýazan jogaplaryňyzda olar haýsy çekimsizlere öwrüldiler?

**97-nji gönükme.** Sözleri nusgada görkezilişi ýaly ýazyp göçüriň.

Agajyň, daragyň, çarygy, örküji, çigidiň, toşaba, aýaga, kitabym.

**Nusga.** *Agaç—agajy, darak—daragyň, ...*

1.Bu sözlerde haýsy dymyk sesiň nähili açyk sese öwrülendigini we onuň sebäbini aýdyň.

**2. Çaryk** sözüniň manysyny sözlükden öwreniň.

***toşap*** **98-nji gönükme.** Okaň.

Has gara ýazylan sözleri nusgadaky ýaly ýazyp göçüriň.

1. Çapyşykda biziň obamyzyň **aty** ozdy. Ozan atyň ady Meleguş.
2. Okuwçylaryň ýygan oty köp.
3. Sazagyň **ody** oňat bolýar.
4. Gapyny **ýapyň!**
5. Çagalar **ýabyň** boýuna gitdiler.

**Nusga.** *Aty- ady, ...*

### ***Soraglara dilden jogap beriň.***

1. Göçüren sözleriňiiziň haýsynda birinji çekimli uzyn, haýsynda gysga aýdylýar?

Turkmenkultur.com

2. Göçüren sözleriňizdäki çekimsizleri we olaryň nähili çekimsizlerdigini aýdyň.

***At, saç, kok, çöp ýaly* çekimlisi gysga aýdylýan bir bogunly sözlerde dymyk çekimsizler açyga owrulmeýärler.**

**99-njy gönükme.** Okaň we göçüriň. Dymyk *k, p, t, ç* sesleri açyga öwrülen sözleri biraýry, öwrülmediklerini biraýry ýazyň.

Oragyň, okuň, jorabyň, topuň, söwüdiň, çitiň, agajyň, saçyň, oduň, otuň, köki, çöpi, gögüň, ädigiň.

**Nusga.** *Jorabyň, oragyň, ... Topuň, okuň, ...*

* * * **100-nji gönükme.** Nokatlara derek haýsy çekimsiziň ýazylmalydygyny aýdyň we olary depderiňize göçüriň. Bulardaky açyk çekimsizleri aýdyp beriňi.



Guşuň aýa...y



Baly...yň kellesi



Jereniň sa...y uzyn



Bagyň kö...üni gördüňmi?

**101-nji gönükme.** Nokatlara derek degişli çekimsizleri ýazyp, çyzygyň sag tarapyndaky sözleri göçüriň.

Turkmenkultur.com

| | |
|---|---|
| Jorap | Jora...y |
| Çöp | Çö...uň |
| Sagat | Saga...y |
| Süzgüç | súzgu...i |
| Ýat | ýa...yp |
| Mekdep | mekde...e |
| Jogap | joga...y |
| Bat | ba...y |
| Ördek | örde...i |
| Dak | da...yp |
| Telpek | telpe...iň |
| Göreç | göre...i |
| Ketek güýç | kete...e<br>güý...i |

**Nusga.** *Joraby, çöpüň, sagady, ...*

**Çöp, ýat, dak, bät, jogap** sözlerindäki çekimsizleriň nähili çekimsizlerdigini aýdyň.

| | |
|---|---|
| *Göreç* | *ketek* |

**102-nji gönükme.** Okaň we göçüriň. Has gara ýazylan sözlerde haýsy dymyk sesiň nähili açyk sese öwrülendigini aýdyň we onuň sebäbini düşündiriň.

*1.* Biziň halkymyz **parahatçylygy** soýýär.

*2.* Adamyň **ynsaby** onuň bezegidir.

**3.** Okuwda, iş-de öz **güýjüňi** görkez!

**4.** **Tertibiň** oňat bolsa, sen beýlekilere görelde bolarsyň.

**5.** Merediň jigisi **mekdebe** barýar.

**6.** Çö**regi** harlamaly däldir.

Ýokardaky sözlemlerden peýdalanyp, soraglaryň jogabyny depderiňize ýazyň.

1. Biziň halkymyz nämäni soýýär?
2. Nämäni harlamaly däl?

| ynsap | görelde bolmak |
| --- | --- |

**103-nji gönükme.** Aşakdaky sözlere degişli **-yň** ýa-da **-iň** goşup, depderiňize göçüriň.

Dolak, çelek, mekdep, Myrat, cekiç, gurçuk, öweç, Murgap, öwret, git.

Sözleriň soňundaky dymyk k, p, t, ç sesleriniň açyk g, b, d, j seslerine öwrülýändigini unutmaň.

**Nusga.** Dolak—dolagyň, çelek—çelegiň, ...

**Dolak, çelek, ýat, öwret, gurçuk** sözlerindäki çekimsizleri we olaryň nähili çekimsizlerdigini aýdyň.

Turkmenkultur.com